# Mähir, meni terk etme sen!

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Mähir, meni terk etme sen! MÄHIR, MENI TERK ETME SEN!



Sensiz boşap galar kalbym,
Mähir, meni terk etme sen!
Gama batar sagy-solum,
Mähir, meni terk etme sen!
Ynsanlaryň bagty bolsam,
Yşk gerege ýagty bolsam,
Ýürekleň hoş wagty bolsam,
Mähir, meni terk etme sen!

Göwnüm görner sözlerimden.
Orun berjek gözlerimden.
Çemen baglap ýazlaryňdan,
Mähir, meni terk etme sen!

Seniň bilen durmuş şowly,
Söýgim joşýar, dünýäm çawly.
Ömrüm, görküm saňa bagly,
Mähir, meni terk etme sen!

Her pursatda ýoldaş bolsaň,
Sowuk günler gurşap alsaň.
Hiç alaçsyz ýolda galsam,
Mähir, meni terk etme sen!

Bar umydym seniň bilen,
Paýla nuruň çeniň bilen.
Ýaşaýyn ak daňyň bilen,
Mähir, meni terk etme sen!

Oguljennet NAZAROWA. Goşgular